# Hiç düşünip, hiç düşünip bilemok

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hiç düşünip, hiç düşünip bilemok HIÇ DÜŞÜNIP, HIÇ DÜŞÜNIP BILEMOK

Hiç düşünip,
Hiç düşünip bilemok,
Bu ýerde bir hili bulaşyklyk bar.
Men »bar» diýsem, »ýok» diýjegne şübhe ýok.
Men ýagyşy söýýän,
Oñ söýýäni gar.

Dört diwardyr
Üçegimiz bir biziñ,
Emma ol şonda-da etmeýär müýni.
»Men gaýkyny söýýän, sen kimi?» diýýän,
Ol arkaýyn jogap berýär: »Küýküni!»

Diýýärin: »Sen bilgeşleýin edýärsiñ,
Çigişdirýäñ arkadaky düwüni».
Oñ gözlegi towuklaryñ arpasy,
Men söýýärin ýöne arpa suwuny.

Hiç düşünip,
Hiç düşünip bilemok,
Ötjek pikirimiz bir ýere gelmän.
Bolmajak bolanda bolmaz ekeni,
Ol-a meni söýýär!
Men ony söýýän.

Gurbannazar EZIZOW. Goşgular